# Durmuş oýunlary barada sakgaldaşyň gürrüňinden

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Durmuş oýunlary barada sakgaldaşyň gürrüňinden DURMUŞ OÝUNLARY BARAFA SAKGALDAŞYÑ GÜRRÜÑINDEN

Jahyl çaglarymda çaga köpeltdim,
Söýdüm, ulaltdym hem toýlaryn tutdym.
Mähir-muhabbetden gujagym dolar,
Garramda hözirin görerin öýtdüm.

Gojalamsoň, (ejizlik däl ýöne çyn),
Özüm üçin ýaşamagym ýene kyn.
Gaýgy-hasrat gujagymy doldurdy,
Her balaň müň derdi bolany üçin.

2022 ý.

***

*Kemeler gymmaty, görnügi bolmaz,*
*Bedewiň guýrugy, ýaly bolmasa.*
***Zelili***.

Getirdiler meýdandan,
Gamyşgulak bedewi.
Görseň gözüň gamaşd:yr,
Owsun symap bedeni.

Görnügi hem gymmaty,
Tylla ýalyn gyrkdylar.
Deregine boýnuna,
Bezeg şaý-sep dakdylar.

Girdi emeli durka,
Üýtgäp, tebygy görki.

Bedew gözden ýaş dökdi,
Durkuna bolman erki.

1997 ý. Goşgular